**«Durnukly ösüşiň maksatlarynyň möhüm ugry: ekologiýa we howanyň üýtgemeginiň meseleleri» atly sanly ulgam arkaly geçirilýän halkara ylmy-amaly maslahatyna gatnaşmagyň şertleri we çykyşlaryň gysgaça beýanlaryny taýýarlamaga bildirilýän**

**TALAPLAR**

## Halkara ylmy-amaly maslahatyna gatnaşmagyň şertleri

1. Halkara ylmy-amaly maslahatyň resmi iş dilleri – türkmen, iňlis we rus dilleri.
2. Halkara ylmy-amaly maslahatyna gatnaşmaga isleg bildirýänleriň her biri diňe bir çykyşyň gysgaça beýanyny (tezisini) hödürläp biler we awtorlar ikiden köp bolmaly däldir.
3. Maslahata gatnaşmak üçin hasaba alnyş maglumaty doldurylmaly (adaty şrift, Times New Roman, 12 pt):

| | |
|---|---|
| Familiýasy | |
| Ady | |
| Atasynyň ady | |
| Wezipesi | |
| Alymlyk derejesi, ady | |
| Işleýän ýeriniň doly ady | |
| Işleýän ýeriniň salgysy (poçta salgysy bilen bilelikde) | |
| Iş we mobil telefony | |
| Tezisiň ady | |
| Tezisiň hödürlenilýän bölümi | |
| Tezis haýsy dilde taýýarlanyldy | |

4. Halkara ylmy-amaly maslahatynyň bölümleri:

I bölüm. *Ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmekde häzirki zaman bilimiň we ylmyň gazanan üstünlikleriniň orny*.

II bölüm. *Howanyň üýtgemegine uýgunlaşmagyň we suw baýlyklaryny goramagyň häzirki zaman meseleleri*.

III bölüm. *Tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmagyň innowasion usullary*.

IV bölüm. *Biologiýa dürlüligi öwrenmegiň häzirki zaman usullary we amaly ähmiýeti*.

5. Halkara ylmy-amaly maslahatyna gatnaşmak üçin çykyşyň gysgaça beýany we annotasiýalary taýýarlanylmaly. Çykyşyň gysgaça beýany halkara ylmy-amaly maslahatyň iş dilleriniň birinde, annotasiýalary bolsa beýleki iki dilde ýazylmaly.
6. Halkara ylmy-amaly maslahatyna ýerli gatnaşyjylar annotasiýanyň iňlis we rus dillerine terjimelerini ýokary okuw mekdepleriň degişli kafedralarynda ýa-da terjime edaralarynda tassyklatmaly.
7. Halkara ylmy-amaly maslahatyna daşary ýurtly gatnaşyjylaryň çykyşlarynyň gysgaça beýanlarynyň annotasiýalarynyň terjimesi Guramaçylyk topary tarapyndan ýerine ýetiriler.

8. Halkara ylmy-amaly maslahatyna ýerli gatnaşyjylaryň çykyşlarynyň gysgaça beýanlary we annotasiýalary awtoryň işleýän edarasynda seljerilmeli hem-de olar edaranyň ýolbaşçysy tarapyndan gol çekilen hat üsti bilen 2026-njy ýylyň 15-nji maýyna çenli Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetine iberilmeli. Hata halkara ylmy-amaly maslahatyna gatnaşyjylaryň çykyşlarynyň gysgaça beýanlarynyň we annotasiýalarynyň, hasaba alnyş maglumatlarynyň elektron görnüşlerini goşmaly.
9. Iberilen çykyşlaryň gysgaça beýanlarynyň ylmylygyna, mazmunyna awtorlar şahsy jogapkärçilik çekýärler.
10. Halkara ylmy-amaly maslahatyna gatnaşmaga isleg bildirýänler hasaba alnyş maglumatynyň, ylmy çykyşlarynyň gysgaça beýanlarynyň, annotasiýalarynyň elektron görnüşini *tsuecoconference@gmail.com* salgysyna ibermeli.

**Çykyşlaryň gysgaça beýanlaryna we annotasiýalaryna bildirilýän talaplar**

1. Çykyşyň gysgaça beýanynyň möçberi A4 (210x297 mm) formatda 1,5 sahypadan geçmeli däl, annotasiýalaryň her biriniň möçberi 0,5 sahypa çenli bolmaly.
2. Sahypa ölçegleri: ýokary we aşak taraplarda – 2,0 sm, çep tarapda – 2,5 sm, sag tarapda – 1,5 sm. Oriýentasiýasy – «kitap» görnüşli, şrifti – Times New Roman, ölçegi – 14 pt, setir arasy – 1.
3. Ylmy işiň aýratynlyklaryna baglylykda nutugy şekiller, formulalar we tablisalar görnüşinde beýan etmäge ýol berilýär. Her bir şekil sahypanyň görkezilen ölçeglerinden çykmaly däl. Çykyşyň gysgaça beýanynyň umumy göwrümi şekiller, formulalar we tablisalar bilen bilelikde A4 formatdaky 1,5 sahypadan geçmeli däl.
4. Halkara ylmy-amaly maslahatyna elektron görnüşde ähli maglumatlar Microsoft Office Word formatynda kabul edilýär (*.doc we *docx giňeltmesi bilen).
5. Çykyşyň gysgaça beýany we annotasiýalar bir faýlda saklanylmaly hem-de aşakdaky görnüşde taýýarlanylmaly:

- awtoryň ady, familiýasy setir harplar bilen sahypanyň sag tarapyna deňlemek bilen 14-lik şriftde goýy gara ýazylmaly, döwletiň ady ýaýyň içinde görkezilmeli (Mysal üçin: Geldi Bäşimow (Türkmenistan);
- eger çykyşyň gysgaça beýany iki awtor tarapyndan hödürlenýän bolsa, ilki çykyş edýäniň ady, familiýasy görkezilmeli;
- çykyşyň gysgaça beýanynyň ady baş harplar bilen 16-lyk şriftde goýy gara ýazylmaly we setiriň merkezi boýunça deňlenilmeli;
- çykyşyň gysgaça beýanyny ýazmazdan ozal 1 (bir) setir goýbermeli.

6. Çykyşyň gysgaça beýany we annotasiýalar setiriň ini boýunça deňlenilmeli. Matematiki we himiki formulalar kompýuterde ýörite formula redaktorlarynyň kömegi bilen ýazylmaly.
7. Edebiýat çeşmelerine salgylanmalar, inedördül ýaýyň içinde sanlar bilen belgilenilmeli ([1], [2], [3, 5s.] we ş.m.). Edebiýatlaryň sanawy işde salgylanylan tertipde, çykyşyň gysgaça beýanyndan soňra ýerleşdirilmeli. Edebiýatlaryň sanawyndan öň aýratyn setiriň merkezine deňlemek bilen EDEBIÝAT diýen sözbaşy ýazylmaly.

8. Çykyşyň gysgaça beýanynyň we annotasiýalarynyň sahypalary belgilenilmeýär.

9. Bildirilýän talaplara laýyk gelmeýän işler kabul edilmeýär.

10. Çykyşyň gysgaça beýany tabşyrylanyndan soňra hödürlenilen düzedişler we goşundylar kabul edilmeýär.

11. Tabşyrylan resminamalar yzyna gaýtarylmaýar.

12. Guramaçylyk topary hödürlenen çykyşlaryň gysgaça beýanlaryny degişli talaplara laýyklykda saýlap almak hukugyna eýedir.

**Üns beriň!**

1. Çykyşyň gysgaça beýany we annotasiýalar bir faýlyň içinde ýerleşdirilmeli. Faýlyň ady çykyş edýäniň familiýasyny, adyny, atasynyň adyny we «tez» diýen harplary özünde jemlemeli. Mysal üçin, çykyş edýän – Bäşimow Geldi Täçmyradowiç, faýlyň ady – «Bäşimow G.T.tez.doc».

2. Hasaba alnyş görnüşi ähli awtorlar tarapyndan doldurylýar we bir faýlda ýerleşdirilýär. Ilki bilen maslahatda çykyş edýäniň, soňra awtordaşyň hasaba alnyş görnüşi ýerleşdirilýär. Hasaba alnyş maglumaty üçin faýlyň ady awtoryň familiýasyny, adyny, atasynyň adyny we «has» diýen harplary özünde jemlemeli. Mysal üçin, çykyş edýän – Bäşimow Geldi Täçmyradowiç, faýlyň ady – «Bäşimow G.T.has.doc».

3. Her bir çykyşyň gysgaça beýany üçin aýratyn faýl döredilmeli we maslahatda çykyş edýäniň ady görkezilen elektron bukjada ýerleşdirilmeli. Mysal üçin, «Bäşimow G.T.».

4. Faýllary arhiwlemeli däl.

Çykyşyň gysgaça beýanynyň nusgasy:

**Geldi Bäşimow (Türkmenistan)**

## KLIMATYŇ ÜÝTGEMEGINIŇ MERKEZI AZIÝANYŇ ÇÖL SEBITLERINIŇ ÝERÜSTI SUW BAÝLYKLARYNA TÄSIRI

(Tekst: şrifti – Times New Roman, ölçegi – 14 pt, setir arasy – 1)

EDEBIÝAT

1.
2.
3.
4.

Guramaçylyk topary